# Hemingueý: Realda ýazmak añsat, diñe maşynkanyñ öñüne geçip ganyñy akdyryp başlaberýäñ

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hemingueý: Realda ýazmak añsat, diñe maşynkanyñ öñüne geçip ganyñy akdyryp başlaberýäñ HEMINGUEÝ: REALDA ÝAZMAK AÑSAT, DIÑE MAŞYNKANYÑ ÖÑÜNE GEÇIP GANYÑY AKDYRYP BAŞLABERÝÄÑ



*«Goja we deñiz» powesti 1952-nji ýylyñ 1-nji sentýabrynda «Life» žurnalynda çap edilen badyna žurnalyñ satuwy iki günde bäş milliona ýetipdir. Ýazyjynyñ 1954-nji ýylda Nobel baýragyny almagynda esasy roly «Goja we deñiz» powesti oýnapdy.*
*Uilýam Folkner «Eserlerine älem-jahany ýerleşdirmäge*

*synanyşyp, edeni ugruna bolmasa-da, öz eserlerine buýsançly ýagdaýda ýeñilen bäş amerikan ýazyjysynyñ» arasynda Ernest Hemungueýiñ adyny iñ soñunda agzaýar. Munuñ esasy sebäbi-de Folkneriñ aşa zehinli galamdaşyna bildiren gaharydyr. Folkneriñ pikiriçe, «Goja we deñizi» ýazandan soñ özüni döredijiligiñ çürbaşyna ýeten hasaplan Heminguey ondan añry gitme batyrgaýlygyny etmändir we özüne ýamanlyk edipdir.*
*Hawa, günbatarly ýazyjylaryñ arasyndaky çekişmeleriñ mazmunyny şular ýaly giñ temalar düzýän bolsa, gündogar ýazyjysy şindizem «häkimiýetden näme ýonup bilerkäm» diýen pikirde gezýär.*
*Munuñ iñ ýönekeý mysalyny bermeli bolsa, häkimiýetiñ maliýeleşdirýän Azerbaýjan Ýazyjylar soýuzynyñ başlygy wezipesini 1987-nji ýyldan bäri hiç kime bermän gelýän Anar Ryzaýew şu manyda Ýer togalagynda seýrek duşulýan ýazyjy bolandygy üçin bu barada aýratyn gürrüñ edilmäge mynasyp boldy. Biz bu barada hökman aýratyn durup geçeris.*
*Ernest Hemingueýiñ durmuşa, döredijilige, ruhy gymmatlyga degişli sözlerini okyjylarymyzyñ dykgatyna ýetirenimizde, 38 ýyldan bäri Azerbaýjan Ýazyjylar soýuzynyñ başlygy wezipesinde oturan Anaryñ adyny agzandygym üçin Sizden ötünç soraýaryn.*
*38 ýyl bäri döwlet gullukçysy sypatynda, häkimiýetiñ maliýeleşdirýän edarasynyñ kürsüsini hiç kime bermän oturybam, özüñi ýazyjy hasaplamakdan täsin zat barmyka, adamlar…*
** **

Adamlar iki topara bölünýär. Birinji topardakylar bilen iş añsat. Şolar ýaly derejede añsat welin, olar bolmasa-da üýtgejek zat ýok. Ikinji topardakylar bilen juda kyn, emma şolarsyz ýaşamak hiç haçan mümkin däl.

Iş ýüzünde ýazmak örän añsat. Diñe maşynkanyñ öñüne geçip, ganyñy akdyryp başlaberýäñ.

Durmuşda seýrek gabat gelen adamlarym akylly bolmaklary bilen birlikde örän bagtly bolanlarydy.

Hernäçe gerekli we adalatly bolsa-da, uruş elmydama jenaýatdyr.

Halamaýan adamlaryñyz bilen ýoldaş bolmañ.

Adamlaryň köpüsi hiç mahal biri-birini eşitmeýär.

Meniň töweregimi gurşap alan adamlaryň has täsin ýagdaýa gelmeleri sebäpli içýärin.

Öten-geçen günlerde watan üçin ölmegiň nähili gowy we ajaýyp zatdygyny ýygy-ýygydan ýazardylar. Emma indiki uruşlarda gowy we ajaýyp zat ýok. Sen hiç hili sebäpsiz it ýaly ölüp gidýärsiň.

Ýer togalagyndaky iň güýç beriji söz «pensiýa hakydyr».

Adamlar gojaldygyça akyllanmaýar, olar diňe seresaply bolýar.

Danalyk we köpbilmişlik satýanlarda, munyň ikisi-de bolmaýar.

Bir ýerden başga bir ýere gitmek bilen siz hemme zada garamazdan özüňizden gaçyp bilmersiňiz.

Bir zatlary diňe keýpine etmekden el çeken bolsaňyz, mundan soň ýaşamaýandygyňyza ynanaýyň.

Iki adam biri-birini söýýän bolsa, munuň bagtlylyk bilen gutarmagy mümkin däl.

Dünýäde ikilenç düşege girip biljek şunça köp aýalyň bardygyna garamazdan, gepläp biljek aýalyň sany şonça azdyr.

Haýsydyr bir pikirden halas bolmak isleýän bolsaňyz, ony ýazyň.

Adama ynanyp-ynanmazlygy öwrenmegiň iň gowy ýoly ony ynamyň ygtyýaryna tabşyrmak.

Islendik gorkaklygy söýgüsizlik ýüze çykarýar.

Dostoýewskide ynanýan we ynanmaýan zatlaryň bar, emma şeýle bir hakyky zatlar bae welin, olary okadygyňsaýy nähili özgerýändigiňi duýýarsyň.

Ähli sentimental adamlar aşa doňýürekdirler.

Hakykatdanam gorkmazak adamlaryñ duelde hasaplaşmagyna zerurlyk ýok, emma öz gorkamazklygyna göz ýetirmek üçin birnäçe gorkak muny hemişe edýär.

Haýsydyr bir zat siziñ ýüregiñizi gyýýan bolsa, diýmek sizde biperwaýlyk ýok.

Ýer togalagyndaky owadanlygy duýmagy, howp almagy we hakykatlary aýtmagy oñarýar. Şeýle položitel artykmaçlyklary olary özüneçekiji ýagdaýa getirýär. Ine, şol sebäpdenem iñ gowy adamlar zol-zol içinden derbi-dagyn bolýarlar.

Biziñ hemmämiziñ erk-ygtyýaryny döwüpdirler. Iñ döwüm-döwüm bolan pursatlarymyzda biz ýygy-ýygtdan hemme zatdan has güýçli bolýarys.

Üstünlik gazanmagyñ syry örän ýönekeý: Hiç mahal keýpiñizi bozmañ. Adamlaryñ arasynda hiç mahal keýpiñizi bozmañ.

Maýis ALIZADE.

Ýekşenbe, 28.07.2024 ý. Sözler